# Galtak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Galtak GALTAK



Aslynda görüşmelidi,
Soñky gezek…
Gaýtmankañ,
Hoşlaşmalydy.
Kimiñ kime zulum edendigini,
Señ bu pyrryldaklañ ölme deñdigni,
Ikiligñi, dönükligñi,
barsyny!
Bilmeýändir öýdüp eden işlerñi
Kafede otyrkañ señ üçin,
kime…
Haýsydyr bir ýüz tutanyña
degmeýän kezzaplañ birtoparyna
Ýüz tutanda…
Señem üstaşyr garap

Ýat erkege göz güldürip myrlaňda,
Soňam erkiň gidip özüňem bilmän
«Bular meni söýdi» diýip gürläňde,
Soň şol kezzaplaryň gyjalat berip:
«Ol meňzänok saňa hezil berjege…»
Diýenlerni,
bir-bir ýakaňdan tutup
Ýüzüňe basmalydy…
Teatrlaň müňläp aktrisasy
Seň roluňy oýnamakdan pes geler.
Dymmak – asylyk däl,
Günäkärlik däl.
Ol dymypdy, özi üçin däl,
Seň üçin.
Örterin öýdüpdi aýyplaryňy.
Dymdy.
Senem dili gysgadyr öýtdüň.
Çapak çaldy muňa dili gysgalar,
Asla gürlemäge ýüzi ýoklaram
Ýatlaman öz eden haram keýplerni…
Gür berdiň göreňňe,
Ýalana ýugrup.
Ol şeýdip ýörenňi bilýädi, elbet
Bilmezlige salanyny gowy gördi.
Ýöne beýtmeli däldi…
Nirde,
ne zaman,
Kimleň gujagynda,
Oýnan rollarňy
bir-bir ýakaňdan tutup
Ýüzüňe basmalydy…

Wezipeli tanyşlarnyň özi üçin
Barmasa-da ýekesiniň ýanyna
Seň üçin kakypdy gapylaryny.
Ol şol wagt birem pikir etmändi,
Bilse islärmidi ahyrsoňunda
Seň ýaly bigadyr

Ikiýüzlileñ
Adyna ýanalyp tutulsa ady
Abraýynyñ suw deý dökülerini.

Ýaz pasly,
Güýz pasly…
Eýse parhy nä
Esreýäñ elmydam,
Erkek dannañok.
Oñ ýanynda halamadyk bolanñy
Ykjam penjek geýmiş diýip zarlaýañ.
«Düwnük boldum, ölüp barýan,
Hoş imdi.
Siz ýaşañ meniñ bir ýaşamadygmy…»
diýip, oña ýalan nama gönderip,
Gurhan ýaly päk sungaty harlaýañ.
Soñam zat bolmadyk binamys kimin
Tamadalañ uzaboýna bökenñi.
Iñ bolmanda til kakyp señ özüñe
bir-bir basmalydy gara ýüzüñe:
Nurbat-hyry sypan sürtükdigiñi,
Özünden göwnühoş tentekdigiñi.
Kim sürse sürübermeli,
Kim münse münübermeli,
Zibil dökmek üçin ýolugra goýulan
Galtakdygyñy… Goşgular